**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna**
на 1 апреля 2026 года
as of April 1, 2026

**Aşgabat 2026**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

HÜNÄRI ÝOKARLANDYRYŞ OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
3

MILLI BAHAR BAÝRAMY – HALKARA NOWRUZ GÜNI MYNASYBETLI «NOWRUZ YLHAM ÝAÝYP GELDI BAGTYÝAR DIÝARYMA» ATLY DABARALY MASLAHAT WE SERGI GEÇIRILDI
4

BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA SPORTUŇ KÜŞT GÖRNÜŞI BOÝUNÇA «BANK 2026» KUBOGYNY ALMAK UGRUNDA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRESI GEÇIRILDI
6

«GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA BANK ULGAMYNYŇ GAZANAN ÜSTÜNLIKLERI WE DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLERI» ATLY SERGI WE TEJRIBE DUŞUŞYGY GEÇIRILDI
7

## SELJERIŞ MAKALALARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

TARYHY ÖZGERTMELER BILEN AÝAKDAŞ ÖSÜŞLER
9

BANK ULGAMYNYŇ KARZ SYÝASATYNYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI
13

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
15

TABLISALAR / ТАБЛИЦЫ / TABLES
17

## KADALAŞDYRYJY HUKUKNAMALAR
НОРМАТИВНО-ПРАВОВЫЕ АКТЫ / REGULATORY LEGAL ACTS

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2021-nji ýylyň 8-nji iýunynda çykaran 181-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy tarapyndan fiziki we ýuridik şahslara depozit öýjükleri (seýfleri) ulanmaklyga bermekligiň Düzgünlerine üýtgetmeler girizmek hakynda
31

# HÜNÄRI ÝOKARLANDYRYŞ OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň mart aýynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2026-njy ýylyň 2-6-njy marty aralygynda «Hazyna» myhmanhanasynda banklaryň Pul dolanyşygy we kassa amallaryna gözegçilik bölümleriniň hünärmenleri üçin «Pul dolanyşygy we kassa amallaryna gözegçilik» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynyň dowamynda banklaryň gorag üpjünçiligi, inkassasiýanyň işini kadalaşdyrýan gözükdirijiler we düzgünnamalar, guramanyň we karz edaranyň pulhana işgärini gorag astynda ugratmagyň tertibi, karz edaralarynda nagt pul dolanyşygynyň gurnalyşy, kagyz we şaýy pullaryň öndürilişi, banklaryň kassa dolanyşygynyň girdeji we çykdajy böleginiň çaklamasynyň düzülişi, kassa amallaryny alyp barmagyň tertibi we degişli hasabatlaryň ýöredilişiniň düzgünleri, Türkmenistanyň karz edaralarynyň kassa dolanyşyklary hakynda statistiki 748 görnüşli hasabaty düzmegiň tertibi barada Görkezmeler, «Hususy telekeçileriň ygtyýarly karz edaralaryndaky bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň hasabyna geçirmegiň Tertibiniň» düzgünleri ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi.

Mundan başga-da edara-kärhanalara zähmet hakyna pul serişdeleriniň berlişine banklar tarapyndan gözegçilik edilişi, nagt pullary we gymmatlyklary inkassirlemegiň tertibi, oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler ilatdan satyn alnanda hasaplaşyklary geçirmegiň tertibi babatda gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2026-njy ýylyň 2-6-njy marty aralygynda Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde banklaryň ykdysady seljeriş we maliýe syýasaty bölümleriniň hünärmenleri üçin «Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynyň dowamynda bank ulgamynda maliýe monitoring tejribeleri, pul-karz syýasaty, makroykdysady syýasat, makroykdysady durnuklylygyň halkara gatnaşyklara täsiri, esasy makroykdysady görkezijileri hasaplamagyň usullary, halkara maliýe guramalary we olaryň Türkmenistan döwletimiz bilen arabaglanyşygy, Türkmenistanyň maýa goýum syýasaty, halkara karzlaşdyrma tejribeleri, maliýe bazarlary, ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasaty, halkara söwda ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi.

2026-njy ýylyň 16-20-nji marty aralygynda «Hazyna» myhmanhanasynda banklaryň Hukuk gullugynyň hünärmenleri üçin «Bank işinde hukuk meseleleri» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynda bank ulgamynyň kadalaşdyryjy hukuknamalary, raýatlara gozgalmaýan emläkleri satyn almak üçin berilýän karzlary resmileşdirmekde banklaryň karz syýasatynyň aýratynlyklary, Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň seredýän işleriniň aýratynlyklary boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar. Okuw maslahatyň dowamynda bank ulgamynyň işinde ýüze çykýan hukuk meseleleri, kadalaşdyryjy hukuk namalary döwlet belligine almagyň meseleleri, karz edaralarynyň hukuklaryny we bähbitlerini kazyýet edaralarynda goramagyň meseleleri, karz edaralarynyň müşderiler bilen baglaşýan şertnamalaryndan gelip çykýan hukuk meseleleri, döwlet gullukçysynyň etikasy we estetikasy barada giňişleýin gürrüň berildi.

2026-njy ýylyň 16-20-nji marty aralygynda Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň düzüm birlikleriniň, banklaryň we şahamçalarynyň baş buhgalterleri,

olaryň orunbasarlary we buhgalterleri üçin «Banklarda buhgalterçilik hasaba alnyşy» atly okuw maslahaty geçirildi. Geçirilen okuw maslahatynda banklarda maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda işleriniň guralyşy, bank ulgamynda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň usulyýeti, bank hasabyny açmagyň, gaýtadan resmileşdirmegiň we ýapmagyň tertibiniň düzgünleşdirilişi, banklarda esasy serişdeleri hasaba almak, ykrar etmek hem-de ulanyş tutumyny hasaplamagyň aýratynlyklary, bankyň aktiw we passiw amallary, ykdysady taraplaryň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň guralyşynyň we hasabatlylygyň auditi, bank ulgamynda iş saparlary bilen bagly amallaryň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynda görkezilişi, bankara hasaplaşyklar ulgamy, ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri we aýratynlyklary, kassa amallarynyň hasaby, banklaryň girdejileriniň we çykdajylarynyň buhgalterçilik hasaba alnyşy, karz edaralarynda daşary ýurt pulundaky amallaryň geçirilişi we buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynda görkezilişi barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da geçirilen okuw maslahatynyň dowamynda zähmet haklarynyň we gaýry tölegleriň hem-de olardan tutulan tutumlaryň hasaplanylyşynyň tertibi, hasaby we onuň bilen bagly üýtgetmeler boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 100-den gowrak işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# MILLI BAHAR BAÝRAMY – HALKARA NOWRUZ GÜNI MYNASYBETLI «NOWRUZ YLHAM ÝAÝYP GELDI BAGTYÝAR DIÝARYMA» ATLY DABARALY MASLAHAT WE SERGI GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 17-nji martynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň hem-de Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň bilelikde guramagynda Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli «Nowruz ylham ýaýyp geldi bagtyýar Diýaryma» atly dabaraly maslahat we sergi geçirildi. Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň mejlisler jaýynda geçirilen dabaraly maslahata ýurdumyzyň bank ulgamynda zähmet çekýän zenan işgärler hem-de köpçülikleýin habar beriş edaralarynyň wekilleri gatnaşdylar.











2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip yglan edilmegi, Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy, şeýle hem Milli bahar baýramy mynasybetli geçirilen çäräniň başynda gurnalan sergä syn edildi.

Dabaraly maslahatda çykyş edenler nowruz dessurlarynyň hem-de bu milli baýramçylygyň ýurdumyzdaky ähmiýeti dogrusynda giňişleýin belläp geçdiler. Ata-babalarymyz Nowruzy täzelenişiň nyşany, täze durmuşyň başlangyjy hasaplapdyrlar, bagtyň, berekediň gelmegi hökmünde garşylapdyrlar. Halkyň kalbynda we hakydasynda ýaşap gelen bu baýramy täze ýylyň başlanmagy hökmünde baýram edipdirler.

Pederlerimiziň çuň pelsepesinden, garaýyşlaryndan gözbaş alyp, asyrlaryň dowamynda ruhubelent türkmen halkynyň ruhy durmuşynda aýratyn möhüm orny eýelän bu baýram ýurdumyzyň şöhratly täze senenamasynda täze mazmuna eýe boldy diýip dabara gatnaşyjylar buýsanç bilen nygtadylar.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**





# BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA SPORTUŇ KÜŞT GÖRNÜŞI BOÝUNÇA «BANK 2026» KUBOGYNY ALMAK UGRUNDA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRESI GEÇIRILDI

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda köpçülikleýin welosipedli ýörişleri, awtoulagsyz günleri, bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş-medeni çärelerini geçirmek däbi has-da dabaralanýar. Bu çäreler türkmeniň ajaýyp ertiri, ýagty geljegi bolan ýaşlary zähmetsöýerlik, gujur-gaýratlylyk, başarjaňlyk ruhunda terbiýelemäge uly ýardam berýär.

Türkmenistanyň bank ulgamynda zähmet çekýän işgärleriň arasynda sportuň dürli görnüşleri boýunça bäsleşikli sport çäreleri hem yzygiderli geçirilýär. Muňa mysal hökmünde 2026-njy ýylyň 26-njy martynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda sportuň küşt görnüşi boýunça «Bank 2026» kubogyny almak ugrunda geçirilen bäsleşigi görkezmek bolar.

Bäsleşik Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň hem-de «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň bilelikde guramagynda Aşgabat şäheriniň Bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebinde halkara küşt düzgünlerine laýyklykda geçirildi. «Bank-2026» kubogyň eýesini kesgitlemek maksady bilen örän çekeleşikli geçen bäsleşigiň netijesi boýunça ýeňiji bolanlara gymmatbahaly sowgatlar şu aşakdaky tertipde gowşuryldy:

Zenanlaryň arasynda:

I orun — «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň işgäri Atbaşyýewa Güljahan;

II orun — Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işgäri Akmämmedowa Mähri;

III orun — Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň işgäri Muhammedowa Jeren.

Erkekleriň arasynda:

I orun — Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky işgäri Geldiýew Aşyrguly;

II orun — «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň işgäri Berdiýew Täçmyrat;

III orun — Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň işgäri Öwezow Perman.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**












# «GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA BANK ULGAMYNYŇ GAZANAN ÜSTÜNLIKLERI WE DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLERI» ATLY SERGI WE TEJRIBE DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 31-nji martynda Mary şäheriniň «Bagt köşgi» toý dabaralary merkezinde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Mary welaýat şahamçasynyň guramagynda «Garaşsyzlyk ýyllarynda bank ulgamynyň gazanan üstünlikleri we döwrebap mümkinçilikleri» atly sergi we tejribe duşuşygy geçirildi. Oňa welaýatyň banklarynyň, edara-kärhanalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, telekeçiler, welaýatda oba hojalyk ulgamynda ýokary netijelere eýe bolan kärendeçilerdir ýer eýeleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, şeýle hem ýurt we dünýä derejesinde ýokary netijelere mynasyp bolan talyplar we mekdep okuwçylary gatnaşdylar.

Geçirilen çäräniň dowamynda oňa gatnaşyjylara milli ykdysadyýetimiziň pul-karz gatnaşyklaryny kämilleşdirilişi, kadaly pul dolanyşygyny üpjün edilişi, bank ulgamyna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy arkaly döwrebap bank hyzmatlarynyň ýola goýulyşy, ýurdumyzda eksporta niýetlenen we importyň ornuny tutýan ýerli önümçilikleri, esasanam ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmagyň, sanly ulgamy peýdalanmagyň hasabyna döredilýän önümçilikleriň höweslendirilişi, ýurdumyzyň ilatyna, şol sanda ýaşlara berilýän ýeňillikli bank hyzmatlarynyň döwrebaplaşdyrylyşy barada giňişleýin gürrüň berildi. Şunuň bilen bir hatarda sanly ulgam arkaly ýerine ýetirilýän bank hyzmatlarynyň mümkinçilikleri görkezildi.







Hormatly Prezidentimiziň «Durnukly ykdysady ösüş biziň uzak möhletleýin strategiýamyzyň baş maksady bolup durýar. Şoňa görä-de, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny gurşap alýan maksatnamalarymyzy hem-de özgertmelerimizi üstünlikli amala aşyrýarys» diýip belleýşi ýaly bedew batly öňe barýan ýurdumyzyň ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrlyp ösdürilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly bank amallarynyň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar. Ýurdumyzda sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «Visa Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilik döredilen.

Onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron










görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy. Ýuridik tarap bolan müşderilerine we telekeçilere internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, ykjam töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda bank tölegleri ýerine ýetirmek, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly birnäçe hyzmatlar ornaşdyryldy. Pul-karz syýasatyny kämilleşdirmek, banklaryň maliýe hasabatlylygyny halkara standartlaryň derejesine çykarmak, ulgamyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça anyk wezipeler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň ykdysady ösüşleriniň esasy görkezijisi bolan bank ulgamyndaky ýetilen sepgitler aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Serginiň çäginde ýurdumyzyň bank ulgamynda ýetilen sepgitler giňden açylyp görkezildi. Her bankyň aýry-aýry diwarlyklary gurnaldy, milli gymmatlyklarymyz, bank karzlary esasynda iri önümçilikleriň ýeten derejesine şaýatlyk edýän işler görkezildi.

Geçirilen çäräniň soňunda oňa gatnaşyjylar ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda, şol sanda bank ulgamynda raýatlarymyzyň bagtyýar durmuşy üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz alkyşlaryny beýan etdiler.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# TARYHY ÖZGERTMELER BILEN AÝAKDAŞ ÖSÜŞLER

Döwür yzygiderli özgerýär, adamzat jemgyýetiniň ösüşinde täzeçillikler döredilýär, halk hojalygynyň dürli ugurlaryna innowasiýalar ornaşdyrylýar. Bu bolsa ykdysadyýeti köpugurly esasda, dünýäniň ykdysady ulgamy bilen gyradeňlikde döwrebaplaşdyrmakda öňde täze wezipeleri we maksatlary goýýar. Şunuň bilen baglylykda ýurdumyzda dürli ugurlara degişli maksatnamalar kabul edilip, olarda iň wajyp hem netijeli wezipeler kesgitlenilýär we üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Taryhy ösüşleriň möhüm ugry hökmünde bu ulgama şu günüň nukdaýnazaryndan baha berlende, daşary ykdysady we halkara maliýe gatnaşyklarynda Türkmenistanyň Hökümetiniň wekili bolup çykyş edýän Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyna möhüm orun degişlidir.

Ýurt Garaşsyzlygymyza eýe bolmak bilen, özbaşdak dolandyryş ulgamyny, şol sanda milli maliýe-bank ulgamyny döreden döwletimiz ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda uly özgertmeleri durmuşa geçirdi. Maliýe-bank ulgamynyň işinde öňdebaryjy tejribä, ylmyň soňky gazananlaryna eýermegiň netijesinde, dünýäniň ykdysady ulgamyna goşulyşmagyň işjeňleşdirilmegini, halk hojalygynyň pudaklarynyň arasyndaky baglanyşygyň üpjün edilmegini gazanmak zerur bolup, bu ugry ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Çünki maliýe-bank ulgamynyň işi senagat, ulag we aragatnaşyk, energetika, saglygy goraýyş ulgamy ýaly ugurlaryň ähllisi bilen aýrylmaz arabaglanyşygy emele getirýär.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, bank ulgamynyň işjeňligini has-da ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan pul-karz syýasatynyň strategik ugurlary pul dolanyşygynyň durnuklylygyny we ýurduň sazlaşykly ösüşini üpjün etmekden, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmakdan, milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmakdan, bank ulgamynyň halkara maliýe bazarlaryna utgaşykly goşulyşmagy üçin amatly makroykdysady şertleri döretmekden ybaratdyr.

«Häzirki döwür biziň ählimizden alyp barýan işlerimize täzeçe çemeleşmegi talap edýär» diýip nygtaýan hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ykdysadyýetini şu günüň talaplaryndan ugur alyp ösdürmegi, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşyny häzirki döwrüň jemgyýetçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrmak esasynda özgertmegi ündeýär.

Munuň özi karz edaralarynyň işiniň ilerledilmegi bilen gazanylýan özgertmelerde hem aýdyň beýanyny tapýar. Şonuň bilen birlikde, özara aýrylmaz baglanyşykly bolan içeri we daşary syýasatyň sazlaşykly ösdürilmeginde daşary ykdysady işe möhüm orun degişlidir. Agzalyp geçilen ykdysady ugurlarda iri taslamalaryň durmuşa geçirilmeginde daşarky karzlaryň, maýa goýumlaryň wajyp ähmiýetini bellemelidiris. Munuň üçin bolsa halkara hyzmatdaşlygy netijeli ýörelgeler esasynda ilerletmek zerurdyr. Halkara maliýe-bank ulgamyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmeginde, iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek we dolanyşyk serişdelerini üpjün etmekde hem-de raýatlara edilýän hyzmatlaryň ýeňillikli amal edilmeginde Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky eýýäm örän uly tejribä eýe boldy. Bank döwlet maksatnamalaryndan gelip çykýan wezipeleri yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, maýa goýum syýasatyny ösdürmekde, daşary ýurt kompaniýalaryny hyzmatdaşlyga işjeň çekmekde mynasyp tagallalary edýär. Şonuň netijesinde hem bank Beýik Britaniýanyň «Financial Times» neşitiniň «The banker» žurnaly tarapyndan 14 gezek Türkmenistanda iň gowy bank diýlip görkezildi.

Milli ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň döwlete degişli edaralary, maliýe guramalary, hususy kärhanalar bankyň müşderileriniň esasyny düzýär. Soňky ýyllarda Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň, esasan, Ýaponiýanyň, Hytaýyň, Günorta Koreýanyň, Birleşen Arap

Emirlikleriniň, Saud Arabystany Patyşalygynyň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy. Häzirki wagtda bank dünýäniň 20-ä golaý ýurdunyň 50-den gowrak banklary we maliýe guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygy netijeli dowam etdirip, ýylsaýyn ösdürýär. Bu bolsa halkara hasaplaşyklary we müşderileriň sargytlary boýunça tölegleri çalt hem-de netijeli amala aşyrmaga ýardam edýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky ýurdumyzyň Hökümetiniň adyndan 1994-nji ýyldan bäri Yslam Ösüş Bankynyň, 2001-nji ýyldan Hususy Pudagy Ösdürmek boýunça Yslam Korporasiýasynyň, 2019-njy ýyldan Maýa goýumlary we eksport karzlary ätiýaçlandyrmak boýunça Yslam korporasiýasynyň, şeýle-de 2021-nji ýyldan bäri Söwdany maliýeleşdirmek boýunça halkara Yslam Korporasiýasynyň agzasy bolup çykyş edip gelýär.

Bank halkara maliýe guramalary we ösüş gaznalary, halkara banklar bilen hyzmatdaşlyk pudagynda Yslam ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Saud Ösüş gaznasy, OPEK Halkara ösüş gaznasy we beýleki banklar, gaznalar bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegi onuň ulag we aragatnaşyk, energetika, senagat, söwda, oba hojalygy, gurluşyk pudaklarynda, hyzmatlar ulgamynda öndürijilikli netijeleriň günsaýyn artmagyna, kiçi we orta telekeçiligiň barha ilerlemegine öz oňyn täsirini ýetirýär. Ýurdumyzyň mümkinçilikleriniň açylmagynda we ähli pudaklaryň işiniň ilerlemeginde daşary ýurtly maýadarlaryň hyzmaty uly bolup, olar ýurdumyzda köp sanly iri taslamalaryň durmuşa geçirilmegine goşant goşýarlar. Esasan-da, olaryň degişli taslamalary maliýeleşdirmeginde Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň daşary ýurtly taraplar bilen baglaşan şertnamalary hem-de ylalaşyklary uly hyzmata eýedir. Şunuň bilen baglylykda, milli eksport-import we eksport ätiýaçlandyryş hyzmatdaşlygy babatda bank Ýaponiýanyň Halkara hyzmatdaşlyk banky, Hytaýyň Eksport-import banky, Germaniýadaky Euler Germes, Italiýanyň SACE, Şweýsariýanyň SERV eksporty ätiýaçlandyryş agentlikleri bilen işewürlik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýdy. Bu öz nobatynda, milli ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynda taslamalary maliýeleşdirmegiň esasy çeşmelerini kesgitleýär.

Banky ösdürmegiň baş strategiýasy, ilkinji nobatda, daşary ýurt maýasyny çekmek we Döwlet maksatnamalarynda öňde goýlan wezipeleri gazanmak üçin ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryna olary ýerleşdirmek boýunça işjeň işi alyp barmaga gönükdirilendir. Bu ugurda bolsa geçen ýyllaryň dowamynda köp sanly taslamalardyr degişli işler amala aşyryldy. Soňky ýyllarda daşary ýurt kompaniýalary bilen karz ylalaşyklarynyň hasabyna birnäçe giň gerimli taslamalaryň gurluşygy alnyp baryldy. Gyýanlyda polipropilen we polietilen önümçiligi boýunça zawodyň gurluşygy, Garabogazda karbamid zawody hem-de Owadandepede gazy gaýtadan işlemek we ondan benzin öndürmek boýunça senagat toplumy, şeýle-de Mary şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodlar toplumy we beýleki iri önümçilik desgalary guruldy we ýurdymyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak üçin mümkinçilikler döredildi.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Germaniýanyň iri «Commerzbank AG» bankynyň hyzmatdaşlygynda ýurdumyza Ýewropanyň (Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Niderlandlar) önümçiligi bolan oba hojalyk tehnikalarynyň getirilmegini maliýeleşdirmek boýunça karz ylalaşygyny, Türkmenistanyň energiýa ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça taslamany maliýeleşdirmek üçin Aziýanyň ösüş banky bilen ylalaşyga gol çekilmegini we beýleki onlarça taslamalary we önümçilik düzümlerini bank tarapyndan ýola goýlan maýa goýum taslamalaryna deliller hökmünde görkezmek bolar. Bulardan başga-da, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi bilen amal edilýän maýa goýum taslamalary ýylsaýyn artýar. Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak we bu ugurda taslamalary maliýeleşdirmek

üçin hem Yslam Ösüş bankynyň Hususy ulgamy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy bilen maliýe ylalaşygyna gol çekildi we doly özleşdirildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmekde «Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan» gaz geçirijisiniň ýurdumyzyň çägindäki böleginiň gurluşygyny maliýeleşdirmek boýunça halkara maliýe guramalary we banklary bilen degişli işler dowam etdirilýär. Bu gaz geçirijiniň Türkmenistanyň çägindäki ähli gurluşyk işlerini gurnamak hem-de turbalaryň we degişli enjamlaryň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek boýunça Yslam Ösüş banky bilen degişli karz ylalaşyklaryna gol çekildi.

Geçen ýyllarda Yslam ösüş bankyndan we OPEK Halkara ösüş gaznasyndan iki sany «Ro-Ro» görnüşli gämini we bir sany ýük daşaýjy gämisini gurmak boýunça taslamalary maliýeleşdirmek üçin karz serişdelerini çekmek boýunça ylalaşyk baglaşyldy.

2021-nji ýyldan bäri Birleşen Arap Emirlikleriniň Abu-Dabiniň Ösüş gaznasy bilen amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyň çäginde Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda kuwwaty 10 megawat bolan köpugurly elektrik stansiýasyny, Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde açylyp ulanylmaga berlen howa menzil toplumyny maliýeleşdirmek üçin karz ylalaşyklary baglaşyldy. Mundan başga-da Balkanabat we Türkmenabat şäherlerinde hersi 150 orunlyk onkologiýa merkezleriniň gurluşyklarynyň taslamalaryny maliýeleşdirmek üçin Yslam Ösüş banky bilen 2024-nji ýylda «Möhletleýin satuw baradaky Çarçuwaly ylalaşygyna», «Agentlik ylalaşygyna» we «Karz ylalaşygyna» we Saud ösüş gaznasy bilen karz ylalaşygyna gol çekildi.

2024-nji ýylyň dowamynda Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň «Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň Gaz turbinaly elektrik stansiýalary üçin ätiýaçlyk şaýlarynyň we howa süzgüçleriniň satyn alynmagyny maliýeleşdirmek hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, Niderlandlar Patyşalygynyň «ING Bank N.V.» bankynyň Ýaponiýanyň Tokio şäherindäki şahamçasy bilen karz ylalaşyklaryna gol çekildi.

2025-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde lukmançylyk orta okuw mekdebiniň gurluşygyny maliýeleşdirmek üçin Aziýa Ösüş banky bilen karz ylalaşygyna gol çekildi. Şeýle hem Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Arap we fransuz banklary bileleşiginiň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga gol çekildi. Munuň özi eksport-import amallaryny maliýeleşdirmek, Türkmenistan bilen Fransiýanyň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, şeýle hem milli ykdysadyýetimize maýa goýumlary çekmek bilen bagly hyzmatdaşlygy ilerletmegi göz öňünde tutýar.

Geçen ýylda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Saud ösüş gaznasynyň arasynda Mary şäherinde 200 orunlyk onkologiýa merkeziniň gurluşygynyň taslamasyny maliýeleşdirmek üçin Karz ylalaşygyna gol çekildi. Bu resminama hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga we täze ugurlar boýunça giňeltmäge gönükdirilip, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň netijeli ýokarlanýandygyny görkezýär.

Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak boýunça geçirilýän işleriň çäklerinde bank tarapyndan halkara «VISA» töleg ulgamy bilen bilelikde «Milli VISA karty», «Owerdraft karty» ýaly bank kartlary, «Visa Virtual» elektron karty ornaşdyryldy hem-de «Elektron söwda» hyzmatlary işe girizildi. Maýa goýumlary işjeň çekmek baş maksady bolan bankyň içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy Türkmenistanyň Döwlet

daşary ykdysady iş bankynyň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigini aýdyň görkezýär.

Häzirki döwrüň geljegi uly ugurlarynyň biri hem döwrebap tehnologiýalary, şol sanda töleg kartlarynyň işjeňleşdirilmegine esaslanýan nagt däl hasaplaşyklaryň usulyny giňden ornaşdyrmak bolup durýar.

Geçen ýylda bank tarapyndan işlenip taýýarlanylan sanly hyzmatlaryň hatarynda «Galkynyş» töleg ulgamy hyzmatlardan onlaýn peýdalanmakda ulanyjylar üçin giň mümkinçilikleri açdy. Bu ulgam menzilara bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, raýatlara bank amallaryny çeýe we bitewi ulgamlaýyn peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Töleg ulgamy «Internet-bank» we «Mobil-bank» sanly taslamalarynyň dünýä tejribesinde gazanylanlarynyň iň täze we oňaýly mümkinçiliklerini özünde jemleýär. Bu ulgamyň ykjam enjamlar arkaly ulanylýan programma üpjünçiligi ondan dürli ýerde we islendik wagtda peýdalanmaga ýardam edýär. Ol fiziki we ýuridik taraplara menzilara bank hyzmatlarynyň giň toplumyny — tölegleri amala aşyrmak, pul serişdelerini goýuma goýmak, karzlary we töleg kartlaryny almak üçin arza tabşyrmak, bank kartlaryna pul geçirmek, bank hasabyny dolandyrmak, ondaky pul serişdelerini gözegçilik etmek, geçirilen amallaryň taryhyny görmek ýaly şertleri ýetirýär. Programma üpjünçiligi bank ulgamyna ykjam bank tehnologiýalaryny ornaşdyryp, işleri awtomatlaşdyrmaga, hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmäge, olaryň tizligini ýokarlandyrmaga, bank işiniň netijeligini, dürslügini, takyklygyny we hilini gowulandyrmaga ýardam edýär.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda möhüm wezipeleriň biri bolan bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyklaryň, «Fitch Ratings» halkara agentligi tarapyndan Türkmenistana berlen halkara derejeleriň ýurdumyzyň halkara maliýe abraýyny has-da ýokarlandyrýandygyny nygtaýar. 2023-nji ýylyň 4-nji awgustynda hem-de 2024-nji ýylyň ýanwar aýynda ikinji gezek «Fitch Ratings» agentliginiň geçiren seljermeleriniň netijesinde Türkmenistanyň reýtingini «B+ oňyn» derejesinde bellenildi, 2024-nji ýylyň awgust aýynda bolsa «BB- durnukly» çaklama bahasyna çenli ýokarlandyrdy.

2025-nji ýylyň iýun aýynda «Fitch Ratings» agentligi tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyna daşary ýurt we milli pulunda uzak möhletli karz töleglerini ýerine ýetirmäge ukyplylyk reýtingi (IDR) — «Durnukly» çaklama bilen kesgitlenilýän «BB-» derejesi berildi. Agentlik bankyň işini yzygiderli gözden geçirýär we degişli maglumatlary ýetirmek üçin onuň reýtinglerini hem-de seljerme hasabatlaryny täzeläp durýar. Şonuň netijesinde hem ýakynda, has takygy 16-njy ýanwarda «Fitch Ratings» bankyň 2024-nji ýyl üçin audirlenen maliýe hasabatynda görkezilen maglumatlara esaslanyp, bank baradaky hasabatyny täzeledi. Hasabatda bankyň daşary ýurt we milli pulunda uzak möhletli karz töleglerini ýerine ýetirmäge ukyplylyk reýtinginiň (IDR) — «Durnukly» çaklama bilen kesgitlenilýän «BB-» derejesiniň şol bir derejede saklanylýandygy tassyklanylýar. Agentligiň analitikleri bankyň maliýe ýagdaýynyň esasy maýanyň ýeterlik derejesi bilen tassyklanylýandygyny belleýärler. Bu görkeziji agentiň usulyýetine laýyklykda 59 göterime ýetdi. Munuň özi bankyň ygtybarlylygyny, hyzmatlarynyň yzygiderli kämilleşdirilýändigini, şeýle-de halkara daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda hyzmatdaşlyk ugurlaryny giňeldýändigini aýdyň görkezýär.

Ýeri gelende bellesek, milli maliýe-bank ulgamynyň maýa goýum syýasatynyň ösmegine itergi berýän işleriň hatarynda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň gatnaşmagynda «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň döredilmegi maýa goýum syýasatynyň has ilerlejekdigine güwä geçýär. Bu öz gezeginde, ýurduň netijeli ykdysady özgertmesi bolup, ähli pudaklaryň işi bilen utgaşykly sazlaşygy emele getirýär.

Döredileni bäri geçen 35 ýyla golaý döwürde ýurdumyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşýan

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň döwletimiziň bedew batly gadamlary bilen aýakdaş ösüşi ýylsaýyn ilerleýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem daşary ykdysady gatnaşyklar çygrynda, täzeçillikleri ornaşdyrmakda, maýa goýum syýasatyny netijeli ösdürmekde, bank hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmakda möhüm wezipeler amal ediler.

**Jeren ERNEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Meýilleşdiriş we seljeriş müdirliginiň başlygy




# BANK ULGAMYNYŇ KARZ SYÝASATYNYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI

Türkmenistan döwletimiz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan-bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan 2026-njy ýylda täze belentliklere tarap ynamly gadam urýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda amala aşyrylýan özgertmeler ykdysadyýetimiziň gülläp ösmegine, bank ulgamynyň maliýe durnuklylygyny üpjün etmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda üstünlikli amala aşyrylýan ýurdumyzyň pul-karz syýasaty milli manadymyzyň goraglylygyny, durnuklylygyny üpjün etmekden, satyn alyp bilijilik ukybyny, hümmetini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şol bir wagtyň özünde hem, ol karz syýasatyny döwrebaplaşdyrmaga, karz gatnaşyklarynyň gerimini giňeltmäge, elýeterliligini üpjün etmäge, karzyň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan raýatlarymyza dürli görnüşli ýeňillikli karzlar gysga we uzak möhletlere berilýär. Mysal üçin kiçi we orta telekeçilige degişli taraplara önümleri öndürmek, işleri hem-de hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalary üçin 10 ýyla, dolanyşyk serişdelerini almak üçin 1 ýyla çenli möhlet bilen ýyllyk 5 göterimli, ýeňillikli önümçilik karzlary berilýär. Mundan başgada, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynda raýatlara bellenen tertipde bölünip berlen melleginde, kömekçi hojalygynda, ýaýladaky ýer böleginde şahsy hojalygyny ýöredýän

raýatlara maldarçylygy ösdürmek üçin, ýyllyk 8 göterim bilen 300 000 (üç ýüz müň) manada çenli nagt we nagt däl görnüşinde kiçi göwrümli karzlary 5 ýyla çenli möhlet bilen bermeklige mümkinçilik döredildi. Şeýle görnüşli bank karzlarynyň berilmegi raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da ýokarlanmagyna getirýär.

Ýurdumyzda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna hem-de «Türkmenistanda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak maksady bilen, durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin girew goýmazdan, zamunlyk esasynda ýyllyk 1 göterim bilen 3 ýyl möhlete 20 müň manada çenli möçberde ýeňillikli karzlar hem-de täze ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin ýyllyk 1 göterim we esasy bergini üzmek üçin 5 ýyla çenli ýeňillikli döwür bilen 30 ýyl möhlete gozgalmaýan emläk üçin karzlar berilýär.

Häzirki wagtda ilatyň ösen isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen raýatlara gündelik zerurlyklaryna ulanmak maksadyna sarp ediş maksatly karzlar berilýär. Berilýän karzlaryň netijeliligini artdyrmak we onuň göwrümini giňeltmek maksady bilen banklar tarapyndan oňyn göterim syýasaty alnyp barylýar. Şonuň netijesinde bolsa berilýän karzlaryň göterim derejeleri ýyl saýyn peselýär. Raýatlara sarp ediş maksatly karzlar ýyllyk 10 göterim görnüşinde bellenip, karzyň kepilligi zamunlyk esasynda 3 ýyla çenli, girew alynmagy esasynda 5 ýyla çenli möhlete berilýär. Munda göterim derejesi Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynda, «Halkbank», «Senagat» we «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banklarynda 7 göterime çenli peseldildi. Şeýle-de, ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň okuw tölegleri tölemek maksadyna «Talyp karzy», müşderiniň aýlyk zähmet haky geçýän «Altyn asyr» bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, bank bilen baglaşan şertnamasyna laýyklykda «Owerdraft» karzy ýaly dürli görnüşli karzlar ilata hödürlenýär.

Ýurdumyzda milli bank ulgamyna sanly tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Bu öz gezeginde banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we müşderilere bökdençsiz bank hyzmatlaryny hödürlemäge mümkinçilik berýär. Mysal hökmünde raýatlaryň sanly ulgam arkaly ýüztutmalary esasynda resmileşdirilýän karzlaryň sanynyň artýandygyny görkezmek bolar.

Häzirki döwürde ýurdumyzda karz edaralary tarapyndan hödürlenýän döwrebap sanly hyzmatlaryň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar. Şolaryň hatarynda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron-söwda», «Sanly kart», «Sanly töleg», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar bar. Olaryň kömegi bilen öz hasaplaryny özbaşdak dolandyrmak, karzlary resmileşdirmek, internet ulgamy arkaly bank hasaplaryny görmek, onlaýn görnüşde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki karta pul serişdelerini geçirmek, harytlary satyn almak we hyzmatlaryň tölegleri nagt däl görnüşinde geçirmek, şol sanda jemagat hyzmatlaryny (gazdan, suwdan, elektrik togundan peýdalanmak) tölemek ýaly dürli amallary ýerine ýetirmek mümkinçilikleri döredilýär. Bu bolsa raýatlaryň gymmatly wagtyny we pul serişdelerini tygşytlamaga ýardam berýär.

**Enegül AMANOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Mary welaýat şahamçasynyň Ykdysady
seljeriş we jemleýiş bölüminiň baş hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

## Тенденции развития банковской системы Туркменистана

## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2026 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of April 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2026 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of April 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 апреля 2026 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of April 1, 2026




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 апреля 2026 года
Authorized capital size as of 1 April 2026




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозтах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн ман)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 апреля 2026 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 April 2026 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
### Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
### Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.04.2025 | 01.01.2026 | 01.04.2026 | 01.04.2026<br>01.01.2026-e,<br>%-de | 01.04.2026<br>01.04.2025-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development Bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>- Туркменская инвестиционная компания<br>- Turkmen Investment Company | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **149** | **149** | **149** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | **7 875 215** | **8 510 622** | **8 576 989** | *100,8* | *108,9* |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **8 452,75** | **8 507,50** | **8 568,50** | *100,7* | *101,4* |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 511,99** | **7 743,11** | **7 823,05** | *101,0* | *104,1* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **14 610,70** | **15 255,59** | **14 135,45** | *92,7* | *96,7* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предостав-ленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **89 936,28** | **98 556,69** | **98 554,05** | *100,0* | *109,6* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **37 506,25** | **38 461,00** | **35 348,31** | *91,9* | *94,2* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2026 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of April 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky**<br>Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | 2 | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **52** | 1 | 1 | 8 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 7 | 1 | 3 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **22** | 4 | | 1 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 7 | 1 | 4 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 2 | 1 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **23** | **4** | **17** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 апреля 2026 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of April 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky**<br>Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **7** | | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **6** | | 1 | 1 | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | 2 | | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **24** | **4** | **1** | **4** | **3** | **10** | **2** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji aprel ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 апреля 2026 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of April 1, 2026

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 3 035 753,9 | 38,8 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 876 727,9 | 24,0 |
